# Generallar we doganlary

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Generallar we doganlary GENERALLAR WE DOGANLARY




*Geçen asyr iñ wagşy asyrlaryñ biridi. Doganlaryñ ýa-da bir maşgalanyñ arasynda bolup geçen uruşlar iñ ýowuz uruşlar bolup durýardy.*
Indira Gandi Hindistanyñ Ýaragly Güýçlerindäki köp sanly generalyñ Päkistan goşunynyñ generallarynyñ doganlarydygyny aýdýardy.
Hindiler Azat-edijilik urşuny bilelikde alyp bardylar, soñra ikä bölünip, biri-birlerine duşman boldular. Soñra üçünji gezegem bölünip, Bangladeş Päkistandan aýryldy.
Geçen asyr iñ wagşy asyrlaryñ biridi. Doganlaryñ ýa-da bir maşgalanyñ arasynda bolup geçen uruşlar iñ ýowuz uruşlar bolup durýardy. Dogan dogany bir pikir ýa-da ideologiýa üçin öldürip bilýärdi.
Günorta we Demirgazyk Koreýada Karl Marks sebäpli millionlarça adam öldürildi. Soñra ýene şol sebäpli Günorta we Demirgazyk Wýetnamda millionlarça adam öldürildi.
Karl Marks öz ýurdy Germaniýany-da Gündogara we Günbatara böldi. Hytaýy-da böleklere böldi. Ispaniýada hem uruş turup, Ispaniýa tasdan ýer bilen ýegsan bolýardy.
Doganlaryñ arasyndaky uruş hemişe gazaply bolýar. Serediñ: Alžir, Liwan, Ýemen, Demirgazyk we Günorta Irlandiýa, Demirgazyk we Günorta Amerikanyñ arasyndaky içerki uruş, kommunistleriñ we beýlekileriñ arasyndaky Indoneziýanyñ içerki

uruşy.
Ruandada iki taýpanyň arasynda çykan çaknyşykda bir million adam kerçeldi.
Adamyň içindäki mahluk haýsydyr bir ýerde we haýsydyr bir wagtda ýaşaýan telbelik pursatyndaky jenaýat we agressiýa çakylygyna jogap berýär.
Nebil Antara yslamdan öňki döwürden bäri ýokary çinli emeldarlarda agressiýa ýokdugyna, düýp agressiýanyň we gahar-gazabyň halk köpçüliginde dolup-daşýandygyna, hemişe şol agressiýa we gahar-gazaba çagyrýan diýdimzorlaryň, täjirleriň, meçew berijileriň we betpygyllylaryň bolýandygyna ünsi çekýär.
Adam hemme zady özi üçin isleýän egoist jandardyr. Şonuň üçin ol birinji garşydaşyny doganlarynyň arasyndan saýlap alýar. Soňra käte özüni dürseýär-de «Sen näme etdiň?» diýip öz-özünden hasap soraýar. Boljak iş bolansoň peýdasy näme.
Onlarça ýyla çeken gereksiz duşmançylykdan soň Germaniýa ýekeje günde birleşdi. Birleşen ýurdy Gündogardan, diwaryň aňyrsyndan gelen zenan dolandyrdy.
Gündogarlylar tas bir asyrlap bütin dünýäni agdar-düňder eden kommunizmiň beýgelşini we çöküşini görmän Londonda ser-sepil halda ölen ildeşleri Karl Marksy bir demde ýatdan çykardylar.
Adam wulkan mysaly bir zat – ody sönensoň, köşeşýär. Millionlarça ölümden soň wýetnamlylar göýä aralarynda şunça pidalar bolmadyk ýaly birleşip, bir bitewi ýurda öwrüldiler.
Amerikalylar, ruslar, hytaýlylar kommunizmi terk etdiler. Hanoýda barmak basaýmaly adam Karl Marksy bilýär, sebäbi indi olar amerikan turistlerini myhman almak bilen başagaý.
Fransuzlar wýetnamlylar bilen urşup ýalňyşdy. Amerikanlaram olaryň ýörän ýolundan ädip, şol bir ýalňyşlygy gaýtalady. Häzir bolsa bu iki ýurduň raýatlary biri-birleriniň şäherlerini doldurýar.
Parahatçylyga ýetmek üçin uruş turuzmagyň gereginiň ýokdugyny öwrenibilmän geçdik. Gana we jesede suwsanlara Gandidir Mandelany ýaňsyla diýseň.
Çünki uruş mehanizmi pul, şöhrat we at-abraý gazandyrýar. Öldürilen adamlar bolsa gadym-gadym zamanlardan bäri adamoglynyň öwrenşen edähedine laýyklykda ýatdan çykyp gidýär.

Barbara Tukmanyň «Troýa urşundan Wýetnam urşuna» atly meşhur kitabynda aýdyşy ýaly bu «dälilik ýörişinden» başga zat däl. Uruşlar ýarag çykarýan zawodlary, bugdaý, walýuta we aýakgap söwdagärlerini baýadýar, beýlekileri bolsa garyp düşürýär.

Semir ATAULLAH,
Liwanly žurnalist.

«Şarku’l Avsat» gazeti, 05.06.2021 ý. Taryhy makalalar